Ýel energetiki gurnawlarynyň kämilleşmegi hem-de adamzadyň “ýaşyl energiýa” bolan ýokary talaby bütin dünýäde iri ýel energetiki stansiýalary gurmaklyga getirdi.
Geliň şeýle desgalaryň iň ulusy bilen tanşyp geçeliň.
Gansu Ýel energetiki stansiýasy. Ýerüsti ýel energetiki stansiýa bolup, kuwwaty 7965 MWt. (Geljekde 20000 MWt çenli artdyrmaklyk göz öňüne tutulan)
Hytaýyň günbatar welaýatynda , Gobi çölünde ýerleşen bu “ýel parky” ýurtda ýel energetikasyny ösdürmek boýunça 6 sany has iri taslamalaryň biridir. Bu meýilnama 2020 – njy 20000 MWt kuwwata eýe bolar diýen çaklama esasynda 17.5 mlrd dollara barabar taslama bolmalydy. Onuň 2022-nji ýyldaky gurnama kuwwaty 10 GWt çenli artsa-da, iş ýüzünde kuwwaty 7965 MWt bolup galdy.
Bu ýel energetiki stansiýanyň pes görkezijileri aşakdaky ýagdaýlar bilen şertlendirildi:
• ýel energetiki stansiýa elektrik energiýasyny has köp ulanýan sarp edijilerden ýeterlik uzakda ýerleşýär.
• ýel energetiki stansiýalarynda öndürilen energiýanyň bahasy lokal kömür ýel elektrik merkezlerinde öndürilen energiýadan gymmat düşýär.
• iri sarp edijilere energiýany geçirmek üçin kämil elektrik geçiriji liniýalaryň we infrastrukturanyň bolmazlygy.
Meselem, Hytaýyň energetika boýunça Milli statistiki dolandyryş edarasynyň hasabaty boýunça 2015-nji ýylda bu stansiýanyň bar bolan mümkinçiliklerine garamazdan, ýelli wagtlaryň  39% den peýdalanylmandyr.
Mundan soň öndürijiligi ýokarlandyrmak boýunça birnäçe inžener çözgütler kabul edildi.

**Mähri BATYROWA**
**Türkmenistanyň Döwlet**
**energetika institutynyň talyby**

Все права защищены